# Aýry menzil

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aýry menzil AÝRY MENZIL

Ötmejek günlerem ötdi birmahal,
Aýralygyň yzasyny aýyrman.
Teňňe atylýan-a däldi söýgümiz,
Ony döwmekdenem näme haýyr bar?!

Kül etdiň, iç doly arzuwlar bilen,
Sebäbin sorasam-aradaşlykdy…
Ýüregmiň hökümdary sendiň welin,
Seniň ýüregiňde özge başlykdy…

Seniň arzuwlarňy bilmedim aňlap,
Meniň arzuwymda bile ömürdiň.
Hasyldan ýeten paý – maňa harpykdy,
Barja dänelerni ýele sowurdyň.

Geljegmiz öňünden açyş etdik biz,
Bilmen, ykbal kemsinermi kemsinmez?!
Bir ýola çykmaga gorkduk ikimiz,
Duralgada durus, aýry menziller…

Ylham GURBANALYÝEW.

2021. Goşgular